# Ýok boluň!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýok boluň! ÝOK BOLUŇ!

Liwan topragyna gonan nejisler,
Yzyňyzy ýel pozmanka ýok boluň!
Nahak gana suwsan ýigrenji pisler,
Arap halky gul bolýmaz, berk biliň!

Awy goşup adamzadyň gününe,
Elhenç hökmüňizi ýöretmersiňiz.
tagma salyp bigünäleň tenine,
Dünýäde ahy-waý döretmersiňiz.

Uruş, zulum bilen pul-baýlyk ýygnap,
Taýýary mugt geýýän döwrüňiz geçdi.
Ynsanyň teninden gan içip ýognan,
Taýýary mugt iýýän döwrüňiz geçdi.

— Liwanda, Iordanda, azat Yrakda,
Sümsünip ýörmäň-de ýok boluň, basym!
Ýu ses bu gün million-million ýürekde,
Mnem şol päk sese goşýaryn sesim!

Sapar ÖRÄÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular